# «PÄHIM-PAÝHAS UMMANY MAGTYMGULY PYRAGY» ÝYLY: TÜRKMENISTANYŇ KONSTITUSIÝASY WE DÖWLET BAÝDAGY – KÄMIL HUKUK ULGAMYNYŇ WE TÄZE EÝÝAMYŇ BELENT MAKSATLARYNY DURMUŞA GEÇIRMEGIŇ MIZEMEZ ESASLARY»

**atly ylmy-amaly maslahatyň**

## TEZISLERI

**TÜRKMENISTANYŇ HALK MASLAHATY**
**TÜRKMENISTANYŇ MEJLISI**
**TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRLIGI**
**TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI**
**TÜRKMENISTANYŇ DEMOKRATIK PARTIÝASY**
**WE JEMGYÝETÇILIK GURAMALARY**
**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET, HUKUK**
**WE DEMOKRATIÝA INSTITUTY**

# «PÄHIM-PAÝHAS UMMANY MAGTYMGULY PYRAGY» ÝYLY: TÜRKMENISTANYŇ KONSTITUSIÝASY WE DÖWLET BAÝDAGY – KÄMIL HUKUK ULGAMYNYŇ WE TÄZE EÝÝAMYŇ BELENT MAKSATLARYNY DURMUŞA GEÇIRMEGIŇ MIZEMEZ ESASLARY»

**atly ylmy-amaly maslahatyň**

## T E Z I S L E R I

*(2024-nji ýylyň 16-njy maýy)*

Aşgabat
Türkmen döwlet neşiriýat gullugy
2024

**Döwlet Täşliýew,**
*Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň «Tehnologiýalar» merkezi,*
***Ogulgurban Ezimowa,***
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty*

## ARKADAG ŞÄHERI – EKOLOGIÝA ABADANÇYLYGYŇ NUSGASY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda möhüm ähmiýetli ekologiýa meselelerini çözmek, daşky gurşawy goramak, tebigy baýlyklardan rejeli peýdalanmak boýunça alnyp barylýan işler bu gün dünýä nusgalykdyr.

Garaşsyz Türkmenistan Bitaraplyk ýörelgelerine ygrarly halkara guramalary bilen hyzmatdaşlygy «Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasy ugrunyň 2022–2028-nji ýyllar üçin Konsepsiýasyna» laýyklykda amala aşyrýar. Ekologiýa we howanyň üýtgemegi bilen bagly meseleleri çözmekde ýurdumyzda dürli ugurly milli maksatnamalar durmuşa geçirilýär. Bu babatda Türkmenistan BMG-niň Howanyň üýtgemegi boýunça Çarçuwaly konwensiýasynyň, BMG-niň Çölleşmäge garşy göreşmek boýunça konwensiýasynyň, Ýabany haýwanlaryň göçýän görnüşleriniň goralyp saklanylmagy boýunça konwensiýasynyň we beýleki halkara resminamalar esasynda hyzmatdaşlyk alnyp barylýar.

Milli hem-de ählumumy derejede daşky gurşawy goramak, raýatlaryň ekologiýa medeniýetliligini kämilleşdirmek meselelerine uly orun berilýär. 2024-nji ýylyň 1-nji martynda Türkiýe Respublikasynyň Antaliýa şäherinde geçirilen üçünji Antaliýa diplomatiýa forumynda eden taryhy çykyşynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyz ykdysadyýetiň we durnukly

ösüşiň binýatlyk nusgasyny döretmek bilen bagly täze öňe süren ugurlaryň biri hökmünde ilatyň ekologiýa babatda sowgatlylygyny, bilimini, habarlylygyny artdyrmalydygyny belledi.

Häzirki wagtda tebigaty goramak çäreleriniň tejribesi we türkmen ylmynyň ägirt uly mümkinçilikleri bütin dünýäde uly gyzyklanma döredýär. Muňa biziň ýurdumyzyň iri ekologik çäreleriň, maslahatlaryň we seminarlaryň geçirilýän ýeri hökmünde ençeme gezek saýlanyp alynmagy hem şaýatlyk edýär. 2019-njy ýylyň 8-nji awgustynda Türkmenbaşy şäherinde ekologiýa boýunça geçirilen iň uly sapagyň Ginnessiň rekordlar kitabyna girizilmegi munuň aýdyň subutnamasydyr.

Şeýle-de 2022-nji ýylda BMG-niň Ýewropa Ykdysady komissiýasynyň «Şäherlerdäki baglar» başlangyjyna goşan goşandy üçin Aşgabat şäherine halkara Güwänama gowşuryldy. 2022-nji ýylyň 28-nji oktýabrynda Arkadag şäheriniň çäginde «Organiki bakjalyk we onuň ekologiýa goşýan goşandy» atly okuw sapagy geçirildi. Oňa oba hojalyk pudagyndan bäş ýüzden gowrak hünärmenler gatnaşdylar we okuw sapagy Ginnessiň rekordlar kitabyna girizildi. Ekologiýa meselelerini çözmek işlerine Türkmenistan halkara gatnaşyklarynda hem aýratyn uly orun berýär we yzygiderli täze başlangyçlar bilen çykyş edýär. Türkmenistan BMG-niň tebigaty goramak boýunça köp sanly Konwensiýalaryna goşuldy we köpugurly işler alyp barýar.

Ekologiýa ylmynyň möhüm täze ugurlary bolan şäher ekologiýasy, adam ekologiýasy babatynda ýurdumyzda bimöçber uly işler alnyp barylýar. Türkmenistan daşky gurşawy goramak we ekologiýa, suw serişdeleriniň tygşytly ulanylmagyny gazanmak, milli seýilgähleriň, tokaý zolaklarynyň hem-de biologik köpdürliligiň giňden ýaýbaňlandyrylmagyna oňyn şertler döredýär, ýaş alymlar tarapyndan ylmy barlaglar geçirilýär.

Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Tehnologiýalar merkezinde öňdebaryjy enjamlar arkaly fiziologik we biohimik häsiýetli bir öýjükli mikrosuwotlaryň ylmy seljermesi

geçirilýär. Ylmy barlaglaryň netijeleri azyk önümleriniň iýmit kuwwatlylygyny ýokarlandyrmak, şäher ekologiýasyny özgertmek üçin örän ähmiýetlidir.

Arkadagly Gahryman Serdarymyz «Tutuş Diýarymyz boýunça gurulýan desgalarda hem-de olaryň bezeg işlerinde diňe ýokary hilli gurluşyk serişdeleri ulanylýar. Olary saýlap alanymyzda biz ýurdumyzyň howa şertlerini, ekologik kadalara laýyk gelşini, berkligini, ulanyşda amatlylygyny hökman göz öňünde tutýarys» diýip belleýär. Şäher ekologiýasyna aýratyn ähmiýet berýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň şähergurluşyk babatynda täze innowasion oý-pikirleri ekologiýa taýdan amatly Arkadag şäheriniň gurluşygynda öz beýanyny tapdy we doly amal boldy. BMG-niň tehniki missiýasynyň agzalary Arkadag şäherine girizilen desgalaryň dünýäniň häzirki zaman öňdebaryjy standartlaryna, hususan-da, ekologiýa, howpsuzlyk hem-de tehnologik öndürijiligine ýokary baha berdiler. Maglumat eýýamynda «akylly» şäher diýip ykrar edilen, ekologiýa taýdan ýaşamaga amatly Arkadag şäheriniň gözelligini görmäge göz, taryplamaga söz gerek.

2023-nji ýylyň 29-njy iýunynda Arkadag şäheriniň birinji tapgyryny hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyz ak pata berip, dabaraly ýagdaýda açyp berdi. Ykdysady taýdan iňňän kuwwatly ýurtda iri şähergurluşyk taslamasynyň amala aşyrylýandygyny tejribe görkezdi. Şäheriň birinji tapgyrynda gurlan dürli maksatly desgalaryň üç ýüzden hem gowragy ulanylmaga berildi. «Akylly» şäherde medeniýetli dynç almak, tebigatyň we millilige ýugrulan binalaryň gözelligini synlamak üçin zerur şertler döredilen. Seýilgähler we ýaşyl zolaklar ynsanyň aň-düşünjesinden, duýgularyndan geçip, ekologiýa medeniýetini kämilleşdirmäge uly itergi berýär.

Türkmenistanyň at gazanan arhitektory Gahryman Arkadagymyzyň şähergurluşyk Maksatnamasynyň özeninde ekologiýa talaplary aýratyn orun tutýar we adam ekologiýasy-

na, ýagny ynsanlaryň saglygyna gönükdirilen. Häzirki zaman awtoulaglary, duralgalary, «ýaşyl» tehnologiýalar sungat eserini ýada salýan Arkadag şäherinde howpsuz ekologiýa gurşawyny döredýär. Bu bolsa, ilkinji nobatda adam ekologiýasy, ýagny ynsanyň saglygy bilen bagly. Il saglygyny ýurt baýlygyna deňeýän lukman, alym Arkadagymyzyň tagallasy bilen Köpetdagyň eteginde ilkinji «akylly» şäher döredildi.

Arkadag şäheriniň açylmagy we sebitde deňi-taýy bolmadyk bu şäheriň aýratynlyklaryny açyp görkezýän «Arkadag şäheri – geljegiň şäheri» atly kitabyň neşir edilmegi halkymyz üçin «akylly» Arkadag şäheriniň açylyş dabarasyna mynasyp sowgat boldy.

**Gülsenem Hommadowa.**
***Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty***

## HALKARA HUSUSY HUKUGY: TÜRKMENISTANDA INTELLEKTUAL EÝEÇILIK HUKUGYNYŇ KÄMILLEŞDIRILIŞI

Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýurdumyzyň hukuk özgertmeleri türkmen jemgyýetiniň döredijilik ruhunyň ummasyz güýç-kuwwat bilen galkynmagyna we jemgyýetimiziň ösüşiniň has-da işjeňleşmegine mümkinçilik döredýär. Ykdysady, ylym we medeniýet pudaklarynda Türkmenistanyň beýleki döwletler bilen hyzmatdaşlyk edýän döwründe döwletleriň arasynda, şeýle hem dürli döwletleriň kärhanalarynyň, firmalarynyň, raýatlarynyň arasynda gatnaşyklar ýüze çykyp, halkara hususy hukugyň pudagyna halkara jemgyýetçilik gatnaşyklarynda ýuridiki hem-de fiziki şahslaryň arasyndaky gatnaşyklarda ýüze çykýan hukuk meseleleri degişlidir. Halkara hususy hukugy halkara söwda-ykdysady, ylmy-tehniki we me-